Bitaraplyk — bu biziň parahatçylyga, asudalyga bolan söýgimiz. Hemişelik Bitaraplygymyzyň eşret-höziri ýurdumyzyň ähli ulgamlarynyň ösüşinde, halkara gatnaşyklarynda hyzmatdaşlygyň yzygiderli pugtalandyrylmagynda we berkemeginde aýdyň ýüze çykdy. Ýagny, Bitaraplyk ýyllary içinde ýurdumyzyň ähli ulgamlary bilen bir hatarda, oba hojalyk pudagynda hem düýpli özgermeler durmuşa geçirilýär.

Bitaraplyk-biziň baýlygymyzdyr, hazynamyzdyr, milliligimize bolan buýsanjymyzy, guwanjymyzy goşalandyrýan abraý-mertebämizdir. Gymmatynyň dünýäniň iri we abraýly guramalary, halklary tarapyndan ykrar edilmegi – munuň aýdyň subutnamasydyr. Owal-ahyr süňňüne ornan, ganyna siňen, ata-babalarymyz tarapyndan nesillere ebedi miras bolan hoşniýetlilik, ynsanperwerlik, dostluk-doganlyk ýörelgeleri bu günki günde dünýä halklarynyň arasynda parahatçylyk söýüjilige çagyrýan taglymata öwrüldi.

Şeýlelik bilen hem, Diýarymyzda Halkara maslahatlar, forumlar, sammitler yzygiderli geçirilýär. Ýaňy ýakynda hem, Söwda-senagat edarasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahat ýokary derejede geçirildi. Bu maslahat  Gahryman Arkadagymyzyň: «Biz parahatçylygyň, ynanyşmagyň, deňhukuklylygyň, özara bähbitleriň ykdysady hyzmatdaşlygyň esasyny düzmelidigine ynanýarys. Islendik iri ykdysady, üpjünçilik, söwda we maýa goýum taslamalary diňe durnuklylyk hem-de birek- birege ynam bolan ýagdaýynda üstünlikli bolup biler» diýen, sözlerinden ugur alyp Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy hem-de durnukly ösüşini üpjün etmäge, sebitara we halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge gönükdirilen halkara başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilýändiginiň aýdyň nusgasy boldy.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyz öz nusgalyk ýoluny saýlap aldy we şoňa ygrarly bolmagynda hem galýar. Jemgyýetimiziň ähli pudaklarynda hemmetaraplaýyn sazlaşykly gülläp ösüşleriň bolmagy üçin yzygiderli özgerişikler geçirilýär. Bu ugurda eýýäm şu ýylymyzyň özünde birnäçe işleriň giň gerim bilen edilýändigini görmek kalbymyzda buýsanç duýgularyny oýarýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny şöhratlandyrmak, ony geljege rowan ýollarymyzda ýurdumyzyň abraý-mertebesine, genji-hazynasyna öwürmek raýatlarymyzyň watançylyk buýsanjyny göge galdyrýar. Biz ýaş nesillerde Watan söýgüsine, ertirki asuda, abadan günimize ynanç döredýär. Watana wepalylygyň ýokary nusgasy bolan okatmak, öwretmek islegimize giň ýol açýan, bu ugurda aýdyň maksatlarymyzyň myrat tapmagyna badalga berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň  janlary sag , belent başlary aman bolsun, ýurdumyzyň ösmegi ugrunda alyp barýan işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

Все права защищены

save pdf date >>> 06.12.2025

**Merýem MYRATNYÝAZOWA**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены